***Ýurdumyzda «Döwlet adam üçindir!» hem-de «Il saglygy — ýurt baýlygy» diýen şygarlardan ugur alnyp, milli saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek we onuň düzümlerini döwrebaplaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn çäreler amala aşyrylýar. Üstünlikli durmuşa geçirilýän «Saglyk» Döwlet maksatnamasy saglygy goraýyş ulgamyny düýpli özgertmegiň ýolunda biziň şu günki we ertirki maksatlarymyzy, wezipelerimizi kesgitleýär.***

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde gysga döwürde paýtagtymyzda hem-de welaýatlarda döwrebap saglygy goraýyş edaralarynyň tutuş ulgamy döredildi. Şonuň netijesinde, ýokary halkara ülňülerine laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlarynyň giň görnüşleri ilatymyz üçin elýeterli boldy.

Milli saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek, sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek, sporty hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça geçirilýän giň gerimli işler hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň abadançylygynyň bähbidine durmuşa geçirilýän köpugurly syýasatyň üstünliklere eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Halkymyzyň saglygy ýurdumyzyň baş baýlygy bolup durýar. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebit edarasynyň ýörite nyşanynyň gowşurylmagy bu ugurda alnyp barylýan işleriň halkara derejedäki ykrarnamasyna öwrüldi.

Durmuşda saglykdan gymmatly zat ýok. Ömrüň sapaly günlere beslenmegi, ýaşaýşyň ýakymly pursatlara eýlenmegi janyň saglygy, başyň rahatlygy bilen berk baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek, Watanymyzyň halkara abraýyny belende götermek ugrunda alyp barýan beýik işleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan giň gerimli işlerinde hemişe rowaçlyklary arzuw edýäris.

**Aýjemal HOMMADOWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Inçekesel kafedrasynyň assistenti.**

Все права защищены

save pdf date >>> 29.01.2026